| TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI | MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN |
|---|---|
| **BUÝRUK** | **ORDER** |

**« 26 » awgust 2021 ý.** **№ 86-Ö**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 3-nji maýynda çykaran 66-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň tertibine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda**

2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen "Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 23-nji maýynda 1227 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 3-nji maýynda çykaran 66-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň Tertibinde:

1) bäşinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

"5. Barlaglar meýilnama boýunça hem-de meýilnamadan daşary barlaglara bölünýär. Meýilnama boýunça we meýilnamadan daşary barlaglar ätiýaçlandyryjynyň buýrugy esasynda geçirilýär.";

2) altynjy bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

"6. Meýilnama boýunça barlaglar Gaznanyň degişli edarasy tarapyndan tassyklanylan ýyllyk iş meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär.";

3) dokuzynjy böleginde "hasapda duran ýerindäki" diýen sözleri "hasaba duran ýeri boýunça" diýen sözler bilen çalşyrmaly;

4) onunjy bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

"10. Barlagçy hukuk goraýjy edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň başlangyjy bilen ýa-da ätiýaçlandyryjynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin, Düzgünnamanyň on dokuzynjy bölegine laýyklykda ätiýaçlandyrýanyň pensiýa gatançlary töleýji hökmünde hasaba duran ýerine

garamazdan ätiýaçlandyrýanlaryň çäklerine päsgelçiliksiz geçmäge we barlag geçirmäge ygtyýarlydyr.”;

5) on bäşinji böleginde:

a) 1-nji bendinde “Kanunynyň” diýen sözi “Kanunyň” diýen söz bilen çalşyrmaly;

b) 3-nji bendinde “öz ýerleşýän ýerindäki” diýen sözleri “hasaba duran ýeri boýunça” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

ç) 4-nji bendinde “Gaznanyň” diýen sözi “Ätiýaçlandyryjynyň” diýen söz bilen çalşyrmaly;

6) otuz bäşinji - otuz ýedinji böleklerinde “hasaba alnan ýerindäki” diýen sözleri “hasaba duran ýeri boýunça” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

7) kyrkynjy böleginde “ýa-da ätiýaçlandyrylan” diýen sözleri aýyrmaly;

8) kyrk dokuzynjy böleginde:

a) 6-njy bendinde “hasapda duran ýerindäki” diýen sözleri “hasaba duran ýeri boýunça” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

b) 7-nji bendi şu görnüşde beýan etmeli:

“7) barlaglar başlanan gününden iki aýdan köp dowam etmeli däldir. Aýratyn halatlarda, ätiýaçlandyryjy onuň dowamlylygyny ony tamamlamak üçin zerur bolan, emma bir ýyldan köp bolmadyk möhlete çenli uzaldyp biler.”;

ç) 11-nji bendinde “ätiýaçlandyrylan tarapyň” diýen sözleri “ätiýaçlandyrýanyň” diýen söz bilen çalşyrmaly;

9) altmyş ikinji böleginde “ätiýaçlandyrýanyň,” diýen sözi “ätiýaçlandyrýanyň” diýen söz bilen çalşyrmaly;

10) altmyş üçünji böleginiň birinji tesiminden soň şu mazmunly tesimi goşmaly:

“Ýolbaşçynyň we baş buhgalteriň barlagyň ykrar hatyna gol çekmekden boýun gaçyrmagy olary jogapkärçilikden boşatmaýar hem-de ykrar hatyň ýerine ýetirilmezligine esas bolup durmaýar.”;

11) ýetmiş üçünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

“73. Ätiýaçlandyrýan tarapyndan pensiýa gatançlaryny tölemekde düzgüniň bozulmasynyň amala aşyrylan güni diýlip, Kanunyň 6-njy maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde görkezilen ätiýaçlandyrýanlar, şeýle hem ätiýaçlandyrýanlar - ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslar - hususy telekeçiler, olarda işleýän şahslar üçin zähmet haklaryny tölemek üçin bankdan nagt pul serişdelerini alan güni ýa-da zähmet haklaryny raýatlaryň bankdaky hasabyna geçiren güni hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyrýanlar - ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslar - hususy telekeçiler özleri üçin, ätiýaçlandyrýanlar - hünärmenlik hyzmatlaryny etmek boýunça işi amala aşyrýan fiziki şahslar, Kanunyň 6-njy maddasynyň birinji böleginiň 4-nji we 5-nji bentlerinde görkezilen ätiýaçlandyrýanlar, muňa kärendeçiler degişli däldir, pensiýa gatançlaryny hasaplaşyk döwrüniň soňundan gelýän ikinji aýyň 15-inden gijä galman töleýärler.

Kanunyň 6-njy maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendinde görkezilen ätiýaçlandyrýanlaryň - kärendeçileriň pensiýa gatançlary daýhan birleşikler

tarapyndan Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasyna beýannamany bermek bilen, bir wagtda tölenilýär.”;

12) XII bapdan soň XIII baby goşmaly:

**“XIII bap. Jemleýji düzgünler**

75. Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmek hem-de olary resmileşdirmek bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülýär.

76. Şu Tertibiň kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

77. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik beýleki gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.”;

13) 1-5 goşundylary şu görnüşde beýan etmeli:

Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we
tölenilişine resminamalaýyn barlaglary
geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň
tertibine 1-nji goşundy

**Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmek barada**
**TABŞYRYK**
**20___ý.__________ «___» №___________**

____________________________________________________pensiýa gaznasy tarapyndan
(ätiýaçlandyryjynyň ady)

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11991-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy hakynda Düzgünnamanyň on dokuzynjy böleginiň talabyna laýyklykda, ________________________________________________
(ätiýaçlandyrýanyň ady)
Ätiýaçlandyrýan hökmünde hasaba alnan şahadatnama belgisi _______________
_________________________________ buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlarynda
(barlagyň görnüşi)
pensiýa gatançlarynyň hasaplanyşynyň barlagyny geçirmek üçin şu görkezme berildi.
Barlagy geçirmek___________________________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)
___________________________________________________________________tabşyryldy.

Barlagyň öz içine alýan döwri 20__ýylyň «__» ________ 20__ýylyň «__» ____________aralygy.
Barlagyň öz içine alýan döwri 20__ýylyň «__» ________ 20__ýylyň «__» __________aralygyna uzaldyldy.*

Barlagyň geçirilmeli möhleti 20__ýylyň «__» _____ 20__ýylyň «__» ______aralygy.
Barlagyň geçirilmeli möhleti 20__ýylyň «__» _____ 20__ýylyň «__»_____aralygyna uzaldyldy.
Barlagyň geçirilmeli möhleti 20__ýylyň «__» _____ 20__ýylyň «__»_____aralygyna uzaldyldy.
Barlagyň geçirilmeli möhleti 20__ýylyň «__» _____ 20__ýylyň «__»_____aralygyna uzaldyldy.
Barlagyň geçirilmeli möhleti 20__ýylyň «__» _____ 20__ýylyň «__»_____aralygyna uzaldyldy.

______________________________________pensiýa gaznasynyň başlygy (başlygyň orunbasary)
(ätiýaçlandyryjynyň ady)

________________ Möhür ___________________________________
(goly) ýeri (familiýasy, ady,atasynyň ady)

Tabşyryk bilen tanyşdym

__________________________________________________ __________________
(ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

20___ýylyň «___»__________

Barlag 20___ýylyň «___»__________togtadyldy
Barlagyň togtadylandygy barada tanyşdym

__________________________________________________ __________________
(ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

20___ýylyň «___»__________

Barlag 20___ýylyň «___» ___________gaýtadan başlandy
Barlagyň gaýtadan başlanandygy bilen tanyşdym

__________________________________________________ __________________
(ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

20___ýylyň «___»__________

* “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 46-njy maddasyna we Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň Tertibiniň otuz üçünji bölegine laýyklykda.

Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we
tölenilişine resminamalaýyn barlaglary
geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmegiň
Tertibine 2-nji goşundy

**Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmek baradaky tabşyryklary hasaba alyş KITABY**

| T/b | Ätiýaçlandyrýanyň ady | Ätiýaçlandyrýan şahs hökmünde hasaba alnan şahadatnama belgisi | Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine resminamalaýyn barlagy geçirmek barada tabşyryk | | Tabşyrygyň hereket edýän möhleti | | Tabşyryk beren ätiýaçlandyryjynyň ýolbaşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Möhletiň uzaldylandygy barada bellikler |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | № | Sene | seneden | sene aralygy | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we
tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň
hem-de olary resmileşdirmegiň tertibine
3-nji goşundy

**Barlagy geçirmek üçin resminamalary almagyň**
**Güwänamasy**

20___ý. _______________ «____»

_____________________________
*(düzülen ýeri)*

________________________________________________________ pensiýa gaznasy bölümi
*(ätiýaçlandyryjynyň ady)*

__________________________________________________________________________
*(ätiýaçlandyryjynyň wezipeli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

__________________________________________________________________________
*(ätiýaçlandyrýanyň doly ady, ätiýaçlandyrýan fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

__________________________________________________________barlagy geçirmek üçin
*(barlagyň görnüşi)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat ___________________________________
Etrap ____________________________ Şäher _____________________________________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we b.)__________________ Kiçi etrap ________________________
Şaýol, köçe, geçelge __________________________ Jaý ______ Korpus ______ Öý ______
Ätiýaçlandyrýan şahs hökmünde hasaba alnan şahadatnama belgisi ________________, aşakdaky resminamalar alyndy:

| T/b | Resminamalaryň ady | Resminamalara degişli döwürler | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

Barlag geçirmek üçin şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalary berdim

______________________ _____________ _____________________________
*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Barlag geçirmek üçin şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalary aldym

______________________ _____________ _____________________________
*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we
tölenilişine resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň
hem-de olary resmileşdirmegiň tertibine
4-nji goşundy

**Barlag geçirilenden soňra resminamalary yzyna gaýtarmagyň**
**Güwänamasy**

20 ___ý. ______________ «___»

___________________________
*(düzülen ýeri)*

_______________________________________________________ pensiýa gaznasy bölümi
*(ätiýaçlandyryjynyň ady)*

___________________________________________________________________________
*(ätiýaçlandyryjynyň wezipeli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

___________________________________________________________________________
*(ätiýaçlandyrýanyň doly ady, ätiýaçlandyrýan fiziki şahsyň, familiýasy, ady, atasynyň ady)*

________________________________________________________barlag geçirilenden soňra
*(barlagyň görnüşi)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat __________________________________
Etrap ______________________________ Şäher __________________________________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we b.)___________________ Kiçi etrap ________________________
Şaýol, köçe, geçelge __________________________ Jaý ______ Korpus ______ Öý ______
Ätiýaçlandyrýan şahs hökmünde hasaba alnan şahadatnama belgisi ________________, aşakdaky resminamalar alyndy:

| T/b | Resminamalaryň ady | Resminamalara degişli döwürler | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

Barlag geçirmeklik üçin şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalar dolulygyna yzyna gaýtaryldy.

Resminamalary berdim

______________________ _____________ ____________________________
*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Resminamalary aldym

______________________ _____________ ____________________________
*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

___________________________________________________________________________
*(şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalaryň saklanyşy boýunça barlagça bolan närazylygy hakynda ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň wekiliniň ýazgysy)*

Pensiýa gatançlarynyň hasaplanylyşyna we tölenilişine
resminamalaýyn barlaglary geçirmegiň hem-de olary
resmileşdirmegiň Tertibine 5-nji goşundy

**Barlaglaryň ykrar hatlaryny bellige alyş**
**KITABY**

| T/b | Hasaba alnan senesi | Barlag geçirilen ätiýaçlandyrýanyň doly ady, ätiýaçlandyrýan fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Barlagy geçirýänleriň familiýasy, ady, atasynyň ady we wezipesi | Barlagyň öz içine alýan döwri | Çykarylan tabşyrygyň senesi we belgisi | Pensiýa ätiýaçlandyrma tölegleriniň goşmaça hasaplanylany (+), azaldylany (-) (manat) görkezme | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrma tölegleri | | Hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrma tölegleri | | Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrma tölegleri | | Ulanylan maliýe jerimeleri | | Puşmana tölegleri | | Jemi | |
| | | | | | | goşmaça hasaplanylan | azaldylan | goşmaça hasaplanylan | azaldylan | goşmaça hasaplanylan | azaldylan | goşmaça hasaplanylan | azaldylan | goşmaça hasaplanylan | azaldylan | goşmaça hasaplanylan | azaldylan |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | |

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy D.Amanmuhammedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

**“YLALAŞYLDY”**
Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministri

_______________M.Serdarow
“____” ______________ 2021 ý.